# Janserek -11: romanyñ dowamy

Category: Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Janserek -11: romanyñ dowamy ON BIRINJI BAP



Medet agalaryň gapysyndan çykan agy ses dagynyk obanyň ünsüni bir ýere jemledi. Adamlar öýden çykyp, ses gelen tarapa garadylar, gulaklarynyň eşidenine ynanmaýan ýaly, biraz säginip durdular.

Dürnabadyň agy sesiniň yzy yzlaşyga ýazdy.
Hiňňillikleriň bady ýatdy, ojaklaryň ody peseldi. Adamlar bimahal çagy öýlerini taşlamaga mejbur edilen ýaly, ädim sanap, üzlem-saplam Medet agalara ugradylar…
Bir käse çaý içim salymda şum habar obanyň aňry çetinde hiňňillik uçup duran çagalara-da ýetdi. Olar ululary aýdan sözüni özleriçe gaýtaladylar:
– Bir adam ölüpdir.
– Şol-a ölmändir, şon-a öldüripdirler.
– Ýazjany atypdyrlar.
Çagalaryň aladasy bir meselä syrygdy: hiňňillik uçuberseler, ulular näme diýerkä?
Ulular çagalary ýatdan çykardylar.
Medet aganyň gara öýüniň gapysyna taşlanan gaty palasyň üstünde Dürnabat oglunyň meýidini bagryna basyp, bagyryp otyrdy.
– Boýuňdan aýlanaýyn, balam!.. Bagtym ýatdy-la, bala-a-am!..
Töwerekden adam ýygnandygyça, Ýazjany getiren nätanyş ýaşuly gözi bilen gören zadyny telim öwre gaýtalap aýdyp bermeli boldy. Ol bolan betbagtlyga özüniň dahylsyzdygyny ýaňzydýan ýaly, ilkibada her sözi nygtap gürrüň berdi. Soňabaka ýaşuly halys ýadady, barha guraksy äheňe geçdi. Adamlar ondan el çekmediler. Häzir olaryň baryny bir sowal gyzyklandyrýardy: “Ýazjany kim atypdyr?” Her kimem öz çaklamasyny aýdyp, şol çaklamanyň dogrulygyny ýaşula tassyklatjak bolýan ýaly, onuň ýüzüne seredýärdi.
– Goşa toraňňa taýagatym çemesi ýetmän ýykylypdyr, edil ýoluň ortasynda ýatan ekeni. Bada-bat ölen bolmaly. Ok sag gulagynyň ýeňse ýüzünden giripdir.
Ýaşuly: “Şundan başga zat bilemok” diýen manyda ýüzüni sowdy.
Torlyň kakasy Muhammet başyny ýaýkap:
– Päheý-de weli!.. – diýdi. – Çaky, onda, eşekden ýykylmanka jan beripdir-dä! Sakgaldaş, heý, töwerek-daşda adam-gara görmediňmi?
– Gören bolsam, “gördüm” diýip aýdardym.
– Hawa-la, hawa-la… Biziňki bir, hälki, ýöne soramak-da. Üç toraňňynyň töweregine menden belet bolmaz, hyşadan ýaňa sümme tokaýdyr. Heý, o tokaýa sümen adam görünermi diýsene!.. Ýöne men, adamlar, bir zady çak edýän, siz maňa “hä” diýmeli borsuňyz. Kimiň atanyny biljek däl weli, şol atan adam Ýazja neressäň ýoldan geçjeginden habarly bolmaly.

Muhammet aga barmagyny çommaldyp, çykaran netijesiniň örän wajypdygyny äşgär etdi, emma adamlar oňa ähmiýet bermedi, sebäbi bu pikiri eýýäm telim adam aýdypdy.
Pürliniň gürrüňini üns berip diňlediler. Pürli Ýazjany iň soňky gören adamdy. Ýazja hakda häzir Pürlüden ynandyryjy, Pürlüden täsirli gür berip biljek kişi ýokdy. Muňa diňe Pürliniň özi däl, ony diňleýänlerem ynandy. Öliniň hormaty ol hakda aýdylan ýagşy söze gulak asmagy dirilerden talap edýärdi. Dirileriň arasynda dowam edip gelýän endige görä, ölen adam hakdaky gürrüň onuň soňky pellede özüni alyp barşyny beýan etmeden başlanýardy. Diňläp duranlar üçin onuň aýdyp giden sözleri adaty ýagdaýdan tapawutlydy, ony üýtgeşik bir alamat hökmünde kabul edýärdiler. Ölüm zerarly ol sözleriň adaty manysy ýitýärdi. Ol sözlerden eýýäm haçan ýer ýüzündäki ýaşaýyşdan umydyny üzüp barýan adamyň syrly duýduryşyny aňladyp biljek äheňler gözlenýärdi.
Pürli hem şol kada eýerdi. Irdenki bolan gürrüňleriň arasyndan Ýazja degişli ýerini nygtap-nygtap aýdyp berýärdi. Elbetde, ol Mämmediň uýasy hakda-da, özüniň betbagtlygy hakda-da dil ýarmady. Oňa derek Ýazjanyň gündogara garap, söýgi diýen mukaddes duýgynyň lezzetine maýyl bolup durşuny, mundan beýläk hiç mahal gaýtalanmajak zat hökmünde aýdanda, öňi bilen ejizlän Pürliniň özi boldy. Ýüzüni sowup, dulugyndan syrygan gözýaşy eliniň aýasy bilen süpürip durka, bu ölüm zerarly onuň öňküden beter betbagtlyga uçrandygyna düşünmek kyn däldi.
Pürliniň gürrüňini diňläp duran adamlar: “Ähtimal, Ýazja neresse öljegini öňünden duýandyr” diýýärdiler.
Ýazjanyň söýgüsi barada gürrüň açylanda, hemişe ýaňsydyjy ýylgyrmaga endik edinen adamlar bu gün aýylganç günä edendiklerine göz ýetirdiler. Olary Medet ýetimiň gapyda süýnüp ýatan ogly bilen Nury aganyň söýgülisinden ömürlik aýra düşen gyzy mejbur etdi.
Olar bu günem duşuşdylar. Beýle duşuşyk bolar öýdüp, duranlaryň köpüsi pikir etmändi, olar söýgi diýen zadyň gudratyna düşünmeýän adamlardy.
Ýazjanyň Güljesi gündogar tarapdan, sesýetim daşlykdaky köne haýatyň gabat aňyrsyndaky gara öýden geldi. Alaça köýnekli, nogta saçly, derek boýly Gülje. Oba gyzlarynyň naýbaşy, merdi-merdanasy, ýürek mährini Ýazja bagş eden Gülje!..
Güljäniň gelýänini oba gördi. Adamlar ýüzüni aşak salyp, ýazykly ýaly dymdylar. Olar häzir aýylganç aýralykdan dörän

hesreti adam şekilinde gördüler. Ol hesret Güljedi. Alaça köýnekli, nogta saçly, derek boýly Güljedi. Onuň egnindäki häzirem şol alaça köýnekdi, nogta saçlary göwsüniň üstünde hallan atýardy. Derek boýy biraz bükülen ýalydy. Ol ýeňi bilen ýüzüni tutup, garşydan urýan hazan ýeliniň badyna bäs gelmek üçin, göwresini öňe taşlap ýöremeli bolýardy.
Oba gyzlarynyň naýbaşy, merdi-merdanasy, ýürek mährini Ýazja bagş eden Gülje… Obadakylaryň köpüsi beýle ahwalaty ömürboýy görmändiler, şonda-da olar muny geňlemediler. Ölümiň zarby adaty bolmadyk zady adaty zada öwürdi. Häzir olaryň gözüne Gülje Nury agaň dulunda oturan ulugyz bolup görünmedi, gaýta, Güljä garap, olar hesretiň möçberini ölçejek boldular, başarmadylar. Bu hesret bimöçberdi.
Gülje gara öýüň ýeňsesi bilen geldi. Ol ýeke gelmedi, eslije gyz jigisi bilen geldi. Olar Ýazjanyň ýatan ýerine golaýlaşyberenlerinde, öýüň düýbünde oturan aýallaryň biri gyzjagazyň elinden tutup, ony saklady, ýanynda oturtdy.
Galan aralygy ýeke geçmek Güljä kyn düşdi, aýagyny ýerden süýräp aldy. Gözi bilen görmänsoň, şum habaryň dogrulygyna şübhe saklap gelýän gyz ajy hakykatyň öňünde alaçsyz galyp barýanyny duýdy. Onuň bäş ädim öň ýanynda Dürnabat Ýazjany bagryna basyp otyrdy. Gülje öňi bilen Ýazjanyň çokaýly aýagyny gördi, olar palasdan artyp ýatyrdy.
Hakykat gyzyň beýnisine urdy, gulagy gapyldy.
Adamlar oňa ýol berdiler, Dürnabadam gaýra çekildi. Indi palasyň üstünde diňe ýüzüne ýaglyk ýapylan Ýazja ýatyrdy. Töwerekdäkiler edil gara ýer ýaly dymdy. Olar Ýazjanyň ukusyna päsgel bermejek bolup dymmadylar, olar bu hesretiň öňünde alaçsyzdyklaryny duýdurýardylar.
Gülje Dürnabadyň gapdalynda otursa-da, Ýazjadan gözüni aýyrmady. Onuň gyzaran gabaklary şu pursat gury göründi, ýüzüne täsin bir mylaýymlyk aralaşdy. Bu üýtgeşik alamata düşünmek kyndy. Ol alamat ölüme ynanmazlykdanmy ýa-da geçen günleriň lezzetli duşuşyklarynyň täsirindenmi, garaz, üýtgeşik bir gudrat zerarly döräp biljek alamatdy. Şu mahal töwerekdäkileriň birinden ses çyksa, Gülje: “Ýuwaş, ýatany turuzaýmaň!” diýip, duýduryş beräýjek ýalydy.
Häzir Dürnabadam ümsümdi. Bu ümsümlik Gülje zerarly döredi. Adamlar köp-köp hesreti görüpdiler. Eziz balasynyň üstünde bagryny paralaýan enäniň nalasy bilen öwrenişipdiler, ölümiň awysyna çydaman eňreýän erkeklerem görüpdiler. Mahmalyny

aýyrmanka ýanýoldaşyny ýitiren ýa-da ýeke perzendi bilen dul galan gelinlerem bilýärdiler, ýöne olar Gülje ýaly gyzyň hesretine, onuň häzirki duşuşygyna öwrenişmändiler.

Gülje sandyraýan elini uzadyp, usul bilen Ýazjanyň ýüzüne ýapylan ýaglygy galdyrdy. Adamlar oňa syn edip bilmediler, adamlar çekindiler, ýakymsyz sözüň aýdylaryna garaşdylar:

“Şunça adam bolup, näme üçin ýeke Ýazjany halas edip bilmediňiz?!”

Gülje adamlaryň garaşan sözüni diýmedi. Ýaglyk bilen ýene Ýazjanyň ýüzüni ýapdy, soňam başyna düşen betbagtlygyň ägirt hesretini duýup, özüne raýdaş adam gözleýän ýaly, öňi bilen Dürnabada seretdi. Ene çydamady, Güljäni karsa gujaklap, oglunyň armanly gidenini aýan edip, zaryn-zaryn ses etdi.

Ýazjany öýe saldylar. Gülje öýe girmedi, gyz jigisini yzyna tirkäp, gündogar tarapa, sesýetim daşlykdaky köne haýatyň gabat aňyrsynda oturan gara öýe tarap gitdi.

Ine, şeýdip oba gyzlarynyň naýbaşy, merdi-merdanasy, ýürek mährini Ýazja bagş eden Gülje öz söýgüli ýigidi bilen iň soňky sapar duşuşdy.

Ýazja kepen tikilip otyrka, Köse geldi. Gölegçi gitjek adamlar oňa oba şurasynyň baş agzasy hökmünde garap, onuň dilinden ganhoryň adyny eşideris öýdýärdiler. Köse olaryň islegini duýdy. Duýany üçinem alada galdy. Haýal etmän, Ýazjanyň dogrudanam atylandygyna şaýat hökmünde, degişli organlaryň öňünde jogap bermelidigini aýtdy. Hamala, özüniň ygtyýarlylygyna şübhe duýan ýaly, ýokary edaralaryň görkezme berendigini nygtap, belent hukugyny kepillendirdi.

Kösäni gara öýe saldylar. Öýüň ortasynda Ýazja süýnüp ýatyrdy. At gaýtarym mähelle dem alman Kösä garaşdy. Duranlaryň her biriniň kalbynda şura başlygy bilen bagly bir islegi bardy. Birnäçe adam onuň gözýaş edip çykaryny küýsedi. Eger Kösäniň gözünde ýaş görseler, olar üçin bu alamat uly zadyň kepillendirmesidi. Şeýle agyr pursat Kösäniň özlerine ýakyndygyny, raýdaşdygyny duýmak olara ýakymlydy.

Beýleki birnäçe adamyň islegine delil bolmaly zat Kösäniň köpbilmişligidi. Köse obanyň iň ylymly-bilimli adamy. Köse Nobat ussanyň ogly, onuň ussa gözi bar. Şol göz Ýazja neressäniň bedenine düşen ýara syn eden dessine, ganhoryň kimdigi oňa aýan bolmaly. Kösäniň bilgirligi edil häzir derwaýys gerekdi, ýogsa ýygnanan mähelläň arasynda, Ýaran baý başlyklaýyn, Agahanyň neberesiniň adamlaram durdy. Ýeri, kimi

guman edip, kimiň ýakasyndan tutjak?
Köse gara öýde eglenmedi. Aýallaryň agysyndan sypanyna şükür edýän ýaly, daş bosaga çykyp sägindi, galife balagynyň kisesinden ýaglygyny alyp, ýüzüne ýetirdi. Ol gözüniň ýaşyny süpürýärmi ýa-da maňlaýynyň derini syrýarmy? – hiç kime belli bolman galdy.
Köse märekä golaýlaşdy, märeke-de assa-assa onuň töweregine ýygnandy. Ýazjany getiren nätanyş ýaşuly biraz tolgunyp, gören ýagdaýyny aýdyp berdi. Adamlar Kösäniň sowal bererine garaşdylar, "onuň sowallaryna jogap bermek bu ýaşula ezýet berse gerek" diýdiler. Az mahal dowam eden dymyşlyk töweregi bir gulaga öwürdi.
Köse sowal bermedi, ýaşula minnetdarlygyny aýtdy.
– Adamçylyga gelişäýjek zat edipsiňiz, ýaşuly. – Soňam töwerekdäkilere gyssanmaç göz aýlap dowam etdi. – Bu taýda geň görere zat ýok. Haýyn duşman obanyň ýene bir gül ýaly ýigidini elimizden aldy. Duşmanyň haýynlygyny biz şu gün görmelimi näme?!
Birnäçe adam duşman hakda gep açanda, Köse Ýaran baýa sereder öýtdi. Ýaran baý onuň bäş ädim gapdalynda durdy. Eger seredäýse, şura başlygynyň aýdany ýerine düşäýjekdi. Köse hiç kimiň ýüzüne garamady, gaýta, aýdýan pikiri bilen özüni öwrenişdirjek bolýan äheňde:
– Haýynlyk etmese, ýykmasa, ýumurmasa, kim oňa "duşman" diýjek?!. Duşman hemişe haýyn – diýdi. – Ýene üç sany şura başlygyny öldüripdirler, dek düýnki gazetden okadym. Tutuş iki obany otlapdyrlar. Ýeri, haýsy birini aýtjak!.. Ýazjany ýitirdik. Eýse, Ýazja ýaly garyp ýigit haýsy başlykdan kem?! Ýazja hakda-da ýazarlar. Eýýäm ähli ýere habar edildi. Duşmanyň erbet adam bilen işi ýok, duşman hemişe gowy adamyň kastynda. Kähalat kimiň kimdigini duşman biziň özümizden öňürti bilýär, ýöne Ýazjanyň gowudygyny bizem bilýärdik. Süňksüz ýigitdi, biz ony ýumruk ýalyka-da tanaýardyk. Biz onuň enesine-atasyna belet. Ýigidiň çagaňky ýaly päk göwni bardy. Päk göwni bolany üçinem, ýoldaşlar, ynanjaňdy. Käbir ýaramaz adamlar onuň ynanjaňlygyndan peýdalandylar, ony saklamaly ýerinde, aýamaly ýerinde bilgeşläne saklamadylar. – Köse sözüne dyngy berip, märekä nazar aýlady, adamlarda teşnelik duýdy. Onda-da guýan suwuňy bedenine siňdirip duran çägäniň teşneligini duýdy. Kösäniň gepläsi geldi. Ürgün çägäni diňe suw bilen tokgalap bolýar, gysyma gysyp bolýar, islän tarapyňa

zyňyp bolýar. Köse daraklygyna galyp dowam etdi. — Ýoldaşlar, şu agyr ýagdaý bizi ymykly oýlanmaga, köp meseleden baş çykarmaga mejbur edýär. Şura häkimiýetiniň ýoluna biziň türkmenlerimiz indi içgin göz ýetirip ugrady. Şuranyň kim üçin amatly, kim üçin biamatlygy her oba, her öýe ýetdi. “Amatly” diýýän biamata duşman boldy. “Amatly” diýýänem türkmen, “biamat” diýýänem türkmen. Türkmen türkmen bilen oňşanok, türkmen türkmene duşman. Şuňa şura häkimiýetiniň dilinde “synpy duşmançylyk” diýilýär. Şol duşmançylykdan döreýän urşa bolsa, gazetde, kitapda öwredilişine görä, “graždanlyk urşy” diýmeli. Milletiň birligine garamazdan, synpy duşman bolan adamlaryň arasynda hiç mahal ýaraşyk bolmaly däldir. Ýaraşyk boldugy, o taýdan şura häkimiýetini gözlemäň. Biziň şu ýagdaýa iňňän önjeýli düşünmegimiz gerek. Ýogsa, azaşarys, Ýazja ýaly ýigitleriň ölümini biri-birimizden görüp, hemişe özümizi horlar ýöreris. Ýazjanyň janyna kast eden adamy gözi bilen gören ýok, şeýle-de bolsa, biz eýýäm şol adamyň iştimagy gelip çykyşyny bilýäris. Synpy duşman! Ol biziň üýşen ýerimize gelmez, ony bu märekeden gözlemek, elbetde, ýerliksiz zat… — Köse aýtjak sözüni ýadyndan çykaran ýaly birden kürtdürdi, töwerekde sarsgyn aňdy. Sepini bildirmezlik üçin erjellik bilen dowam etdi. — Ol duşman bu gün Ýazjany atan bolsa, ertir ýene bir Ýazja ýaly ýigidiň başyna ýeter. Urşuň kadasy şeýle. Urşuň pidasyz bolmaýany hemmämize belli. Ol zerarlam duşmandan her tüýsli haýynlyga garaşybermelidir. Bu taýda geň zat ýok. Ýazjanyň ölümi biziň üçin geň däl, ýöne uçursyz ajy zat. Ölümiň süýjüsi bolýarmy eýse?!

Köse diýjegini diýip, ýene adamlara garady, bu sapar olarda teşnelik görmedi. Olarda umytsyzlyk, biperwaýlyk duýdy. Olar ürgün çäge ýaly Kösäniň gysymyndan dökülip barýardy. Köse olaryň göwnündäkini diýmedi, olar Kösäniň sözüni gijigen öwüt hökmünde, has dogrusy, öljegi ikuçsuz hassa aýdylýan hemaýat sözi ýaly kabul etdiler. Muňa Köse-de kemsiz düşündi. Ol böwsülen böwediň bekletmejegine akyly çatanam bolsa, oňa bir pil gum zyňmagy nep bilýän adamyň ýagdaýynda märekä ýüzlendi:

— Siz bir zady bek belläň: şura hökümetiniň binýady berkdir, oňa duşman kär etmez!

Köse bu sözi Ýaran baýyň duran tarapyna garap, haýbat bilen aýtdy. Oňa üns bermediler.

Üç goýny öňüne salyp gelýän agsak adamy Rahman gören dessine tanady. Bu Keliň kakyndaky agsakdy. Guýyň başyny saklap ýatan

neşebent agsak. Rahman iki sapar Agahanyň iberen süregini alyp bardy, ikisinde-de ony şu gelýän agsak garşy alypdy. Bir görende bu adamyň ýakymsyz keşbi Rahmanyň görejinde hemişelik galypdy.
Ol kelte aýagyny ýere basanda, dabany çukura giden ýaly, tutuş göwresi bir tarapa eňňit atýardy, birdenem söýget tapynan dek gujur bilen göwresiniň ýarysyny siltäp alýardy. Göwresi bilen bile hopul-sopul donunyň etegem ýerden saýlanýardy.
Rahman iki sapar baranda-da, ol adamdan hödür kerem eşitmedi. Onuň bolşunda ummasyz berk düzgüne ram etdirilen gyňyr köpegiň häsiýetine çalymdaşlyk duýdy. Ol häsiýet wepalylygy talap edýärdi.
Rahman iki baranda-da, guýa ýetmänkä, agsak adam onuň öňünden çykypdy. Gep-gürrüňe maý bermän, ägirt çalasynlyk bilen süregi sanap, guýa tarap haýdadyp alyp gitdi. Iki saparam bäş-on ädim geçip, Rahmana tarap ýalta seretdi. Bu seredişde goş saklaýan itiň nätanyş adama duýduryşy bardy. Şu pursat onuň mele şykga çalymdaş, ýag çalnan ýaly derçigip ýalpyldaýan ýüzüne seretmek aýratynam ýakymsyzdy.
Agsak adam märekä tarap gaýtdy. Rahman onuň gözüne görünmezlik üçin märekäň beýle çetine geçdi.
Agsak adam taýagatym meýdan ýetmän durdy. Onuň kimdir birine garaşýany bellidi.
Medet agany Kösäniň ýanyna çagyrdylar. Köse oňa bir zatlar diýdi, ýöne ara daş bolansoň, Rahman eşitmedi. Adamlaryň arasyna ýaýran gürrüňe görä, ol agsak adamyň getiren üç goýnuny “oba şurasynyň kömegi” diýip beripdir.
Medet aga höwessiz baş atdy. Köse elini hereketlendirip, töwerekdäkilere ümledi. Üç adam agsaga tarap ugrady.
Adamlaryň hersi bir goýny idirdedip alyp gaýtdy, agsak bolsa duran ýerinden yzyna dönüp, gelen ýoly bilen gitdi.
Rahman hiç mahal beýle ýönekeý çözgüde garaşmandy. Birden ähli zat aýdyň boldy duruberdi, ýöne şu aýdyňlygy nähili garşylajagyny bilmedi. Bagy üzülen monjuk düzümi ýaly, geçen günleriň wakalary dyr-pytrak boldy ötägitdi. Dogrusy, Rahman alňasady. Wakalary degşirip, bir sapaga düzmäge islegi bolsa-da, edil häzir başarmajagyny aňdy.
Märeke agsak adama ähmiýet bermedi, sebäbi märeke onuň kimdigini bilenok. Märeke jenaýatyň göze görnen alamatyny sypdyrýar.
Rahman ara açyp barýan adama gizlin tomaşa bilen garady. Ol

indi Rahmana aýan, Rahman onuň kime hyzmat edýändigini bilýär.
Agsak gözden ýitdi, märekäň arasynda Rahman galdy. Agsak öz ornunda Rahmany goýup gitdi. Rahman jenaýatyň alamatyna öwrüldi. Ol aýylganç gorky bilen töwerekdäki adamlara seretdi. Adamlar ony duýmady. Adamlaryň duýmany üçin Rahman arkaýynlaşmady, gaýta, başga bir pikir ony saňsar etdi. Häzir ol adamlaryň dünýäsinde ýaşaýany üçin kemsindi. Adam bolup dogulmaly däl ekeni, haýwan bolup dünýä inmeli ekeni. Haýwan haýwany dalasa, aç-açan dalaýar. Bir haýwan beýleki haýwany iýse-de, ony gizlejek bolanok, emma adam haram işini gizlemegi öwrenipdir. Adamlar şu endiginden el çekmeseler, dünýäde päklik, adyllyk bolmaz…
Rahman bu pikir bilen özüni aklajak bolmady, özüniň näderejede günäkärdigini kesgitlemegem ýadyna düşmedi. Ol gözüniň alnynda dowam edip duran haram işiň çägini göz öňüne getirip bilmän heläk boldy. Adamlar Kösäniň Medet aga hödürlän goýunlaryny “şura hökümetiniň agyr günde garyba edýän hemaýaty” diýip düşünýändirler. “Ýok, adamlar, ol hemaýat däl! Köse Agahandan alnan goýunlar bilen söwda edýär!..”
Muny Kösä duýdurmaly! Muny Rahmandan başga bilýän ýok, diňe Rahman duýduryp biler. Kösäniň kalbyna howsala salmaly, ýogsa ol öli ýatan Ýazjany, eňräp oturan Dürnabady, Medet agany, tutuş märekäni kemsitmegini dowam eder…
Rahman gabat gelen ýerinde Kösä çiňerilip garady. Köse many aňmady, gaýta, Rahmanyň hal-ýagdaýyny sorady, “şura hökümetinden gaçyp ýörme, şura hökümeti oňuşmazça däldir” diýdi.
Rahman: “Ol meni özüne ýaran tutunýar, şonuň üçinem arkaýyn” diýdi. Haýýaty göçdi, häzir dil ýardygy, jenaýata özüniň dahyllydygy märekä aýan bolar öýtdi.
Häzir jezadan gutulmak pikiri Rahmany gozgalaňa salmady, ol başga ýagdaýdan gorkdy. Märeke gahar bilen dem alyp durşuna, ganhoryň kimdigini bilmek isleýär. Köse jogap berip bilenok. Kösä sähelçe delil gerek. Şol delili tapdygy Köse özüni aklap biljek.
Rahman üçin dünýäde töhmetden aýylganç zat ýokdy. Häzir töhmete duçar bolaýdygy özüni aklamaga güýjüniň ýetmejegini bilýärdi.
Rahman şol günüň agşamy Kösäň ýanyna bardy. Köse ussahanasynda ekeni.
— Tüweleme, hany, gel, geç… Tekçäň üstüne geçsene… Basyrylgy

çaý bardyr, käselere guýuşdyryber, agzym kepäp durdy. Şu gün gaty ýadapdyryn, menem bes etjek. – Köse öňlügini aýryp, gara taňkadan elini ýuwmaga durdy. – Ýazja neressä ýaman gynandym. Bu ýalançyda juda türkana bolsaňam gowy däldir. Häli, ol taýda aýdyp durmadym, ýöne men indi saňa aýdyp biljek: Ýazjanyň başyny iýen Gaýrat. It ýaly öjükdirip gitdi. Allanäme, daýhançylygyny edip ýören bolsa, kim oňa ýarag çenejek?! – Köse Rahmanyň çiňerilip seredişini halamady, derrew görejini sowdy. – Hany, bäri geçsene… demini alan çaýdyr. Ynha, tikeç gant, halamasaň, şaha nabadam bar.
Köse uly ak düwünçegi açyp, dörüşdirdi, soňam böwri haşam gülli ýapbaşyk çäýnegi köne donuň aşagyndan çykaryp, käsä çaý guýmaga oturdy.
– Ýazja neressäni kim atdyka?
– Ýazjany atan adam belli: şura häkimiýetiniň duşmanyndan başga kim bolsun?!
– Duşmandygy açyk-la, ýöne kimem bolsa, bir adam atandyr-a?
Bu sorag-jogabyň äheňinde ummasyz seresaplylyk bardy. Kimiň jenaýat edeni iki tarapa-da mälim bolup, ýöne bir tarap ikinji tarapyň öňürti boýun alaryna garaşýan ýalydy.
Köse bu hiläni höwes bilen kabul etdi, köpmanyly ýylgyryp, Rahmanyň sowalyna jogap berdi:
– Hawa-la, ähli duşmanyň bir tüpeňden atmadygy belli zat.
– Agahan atyp bilmez öýdýäňmi?
– Agahanyň atan bolmagam ähtimal.
– Onda “Agahan” diýip, häli ýas ýerde aýtmalydyň-da.
– A, belki, Agahan däldir?
– Bolmanda näme?! Şura hökümetiniň Agahandan uly duşmany ýok, senem şuraň uly agzasy bolup oturan adam. Aýtmalydyň, aýdan bolsaň, ynanardylar. Eger seniň ýeriňde daýym bolsa, aýdardy, walla!
Dogrudanam, Köse kürtdürdi. Garşysynda oturan Rahmany öňden tanany üçin kürtdürdi. Onuň agzyndan çykýan sözlerde türkana adama gelişmejek many bardy. Ol manyny hakykat diýip kabul etmelimi ýa-da hiledir öýtmelimi?
Köse ýylgyryp, ýene howsalasynyň ýüzüne perde çekdi.
– Aýdaýan bolsam, daýyňa ýaman bolardy-da.
– Sen meň daýymyň aladasyny etmeli däl-ä, siz biri-biriňize duşman.
Rahmanyň bolşy Kösäniň gaharyny getirip başlady. Seretsene, haýwandan tapawudy ýok, bisowat adam Kösä pitjiň atýar. Köse

jabjynybrak jogap berdi.
– Daýyň aladasyny edemok, halkyň aladasyny edýän. Ýas ýerde “Ýazjany Agahan öldürdi” diýen bolsam, ikimiz häzir bu taýda rahat çaý içip oturmazdyk. Garpyşyk bolardy, ýene telim adam ölerdi. Çaky, entegem ölümden irmänsiňiz öýdýän?
Rahman ýylgyrdy.
– Nämä ýylgyrdyň?
– Aý, hiç…
– Hiç bolsa, al, çaýyňy iç.
– Çaý işdäm ýok.
– Onda arzyňy aýdyp otur.
– Meň-ä arzym ýok, ýöne ýekeje sowal berjek.
– Gulak asýan.
– Sen näme baýguýrugy bilen mesaýy gürleşip otyrsyň?
– Hi-hi-hi-hih… – Köse käsesiniň düýbünde galan çaýy ussahanaň bir burçuna serpip goýberdi. – Sen öňki Rahmana meňzäňok, damakgandan ätlän-ä dälsiň-dä?!
Rahman degişmäni kabul etmedi. Köse:
– Saňa Gaýrat gerekdir? – diýdi. – Rahman jan, men Gaýrat däl, men Nobat ussaň ogly Köse!
– Onda haýsyňyz şura hökümetiň adamy: Gaýratmy ýa-da Nobat ussaň ogly Kösemi?
Köse ýaňsydyjy ýylgyrma bilen esli salym garşydaşynyň ýüzüne çiňerilip seretdi. “Saňa nähili äheňde jogap bersemkäm?..” Rahmanyň çynlakaý soraýandygyny aňyp, degişme äheňden el çekdi.
– Senem akyly ýerindäki adam, özüň pikir et-de göräý: eýse, şura hökümeti öz ýoluny tutýan adamy türmä salarmy? Ä-ä?
– Şuraň ýoluny tutýan Nobat ussaň ogly Köse bolup çykýar-da?
– Her kim öz güni, öz aladasy bilen ýaşaberse nädýär, Rahman jan!.. Şuralyk arzyň bolsa, aýdyp otur. Men oba şurasynyň başlygy! Ýer gerekmi – ýer mende bar. – Köse üm bilen tekjäniň burçunda üýşüp ýatan pilleri görkezdi. – Gaýrata niýetläp, ýörite pil ýasadym, ummasyz gowy pildi. “Sowgat bereýin” diýdim, almady. Daýhan çagasy pilden ýüz öwürýär, muňa näme diýip, näme aýtjak?! Şura hökümeti garybyň tarapynda, ýöne şura hökümeti “hemmäňiz hojaýyn bolmaly” diýenog-a! Rast hojaýyn bolasyň gelýärmi – syýasatdan baş çykar. Beýle diýsem, syýasaty gowy zatdyr öýtme. Daýhançylyk syýasatdan müň paý amatly, onda-da siz ýaly daýhan ýigide. Dogrusy, özüm-ä bilim alanyma ökünýän. Bu dünýäň pelsepesine düşünmänden gowusy

ýokdur. Sen maňa “hä” diýäýgin, Rahman…
— Syýasatyňa-da dawam ýok, ýeriňe-de. Men senden başga bir zady eşideýin diýdim: Ýazja neressäni kim öldürdi?
— Ony, bar, Agahandan sora.
— Agahan gumda.
— Gumda bolsa, guma gidip sora!
Köse kellesine daňynan ak ýaglygyny gahar bilen sypyryp, ýerinden turdy, diwardaky çüýden asylgy telpegini usul bilen başyna geýip, Rahmanyň turaryna garaşdy.
Rahman gozganmady, gaýta, içýakgyç arkaýynlyk bilen:
— Agahan iki ýola meni Keliň kakyna iberdi, goýun sürüp gitdim — diýdi.
— Gideňde näme?!
Köse gygyrdy, ol garşysynda oturan adamyň bolşundaky gözilginç arkaýynlyga çydaman gygyrdy. Rahman sarsmady.
— Iki sürüdenem sen habarly bolmaly.
— Habarym ýok, bilemok! Biljegem däl!
— Bilmeseň, onda hälki agsak näme işläp ýören adam?
Rahman Kösäniň has beter gygyraryna garaşdy. Köse bu sapar gygyrmady, ýetim çaga ýaly mysapyr görnüşde tekçä dolandy. Esli wagt dymyp oturdy. Rahmanyň pikirine görä, ol häzir ökünmelidi, öz seresapsyzlygy, agsak adamyň obada görüneni üçin ökünmelidi.
Köse dodagyny bir tarapa düýrüp ýylgyrdy-da:
— Ýeri, agsak adamy görüpsiňem-dä?.. — diýdi. Onuň garaýşynda ylalaşyga bolan çagyryş mese-mälimdi. — Goýun iberen Agahan bolsa, sürüp eltenem sen bolsaň, seň bu taýda poh içinden monjuk gözläp oturmaň näme? Men-ä düşünemok.
— Bir sapar goýun eltdim, sähel salym geçmänkä, Gaýrat gitdi.
— Hawa, gitdi.
— Ikinji sapar eltdim, ynha, indem Ýazja neresse öldi. Şo zerarlam men senden “kim öldürdi?” diýip soraýan.
— Nähak howsala düşýäň, Rahman, sen arkaýyn bol. Seň bitiň burnam ganamaz, ant iç diýseň, hut, şura başlygy hökmünde ant içeýin.
— Men öz aladamy edemok.
— Hi-hi-hih… hemmämiz şeý diýýäs. Dilimiz bir söz diýýär, ýüregimiz başga bir zat. “Günä sende” diýjek bolamok, sen maňa gulak as. Ikiýüzli bolmaga adam pakyry çagalykdan imrikdirýärler, mekirlige, aldawa öwrenişdirýärler. Ýekeje bir zat aýdaýyn, düşünjek adama şolam ýeterlik. “Mollanyň diýenini

et, edenini etme” diýen söz bar. Rahman jan, bu akylly söz Kösäň tapan sözi däl, ata-babalardan galan söz. Il içinde mollalaryň hormaty barmy? Bar! Maslahat kimden soralýar? Mollalardan! Hakyna garanda, adamy edýän işi boýunça hormatlamaly. Söz söz bolýar, dil bir öl ýere biten zat. Ýok, şonda-da diňe mollanyň sözüne ynanmaly. Olar ýalan sözlese-de, çyn diýip kabul etmeli. Olaryň adalatsyz etmişlerini söz bilen kada-kanuna getirýärler. Söz bilen hininde ýatan ýylany çykaryp bolýar ahyry! Şeýdip, bilmän durkak, biziň özümiz ikiýüzli bolýas galyberýäs. Söz aýylganç zat, söze ynanmagyn. Dünýäde ähli adalatsyzlygy söz arkaly ýuwmarlaýarlar. Şony biz ýaly garyba-da öwretdiler. Ynha, sen: “Men öz aladamy edemok” diýdiň. Men-ä ynanjak däl, ikiýüzlüligiň nyşany. Göwnüňe alma weli, Rahman jan, ýalan sözleýäň, ýalan! Öňi bilen-ä, sen şuraň adamy däl, o sebäplem sen ýaly pukara ýigide: “Men öz aladamy edemok” diýmek, asla gelşenok. Galyberse-de, sen diňe öz aladaňy edýäň. Seň aladaň – Asman.

– Asmanyň adyny tutma!

Köse tomaşa bilen gülüp, döwi gelen oýunçyň höwesinde dowam etdi:

– Men şura başlygy bolup otursam, ýasy ýanyň ýerde bolsun, Asmana adam oglunyň dişi ötmez. Hudaýa şükür, Gaýratdan dyndyk!

– Aý, seniňem bir…

Rahmanyň ýumrugynyň bady Kösäniň çeýe göwresini ýere togalady. Gulakjyn telpegi tigirlenip, aňyrky diwara ýetip durdy. Köse galmady. Sojap duran Rahman onuň galaryna garaşdy. Galdygy, agyr ýumruk gaýtadan tumşuga degmelidi. Köse kirpi ýaly düýrülip, urga garaşdy, aýratynam ahmal ýeriniň aladasyny edip, iki dyzyny garnyna çenli ýygyrdy, ýüzüni ýere basdy.

– Saňa öňem aýdylandyr, doganyňy … . Indi şoň adyny diliňe alsaň, öldirin, eger sen şuraň agzasy bolman, Hudaýyň agzasy bolaý!..

Rahman tekjede oturdy.

Köse gynanç bilen başyny galdyrdy, ilki, howlukman, ýüzüniň gumuny kakyşdyrdy. Eňeginiň çep tarapynda aňsyz gyzyl tegmilt galypdy.

– Şura hökümetine el galdyranyňy bilýäň gerek?

Kösäň gep urşunda ejiz adamyň özünden güýçlä hakykaty düşündirjek bolşundaky zeýrenje çalymdaş janagyryly äheň bardy.

– “Hökümet” diýýäniňem sen dälmi?
– Hawa, men…
Köse aýak üstüne galyp, öňürti telpegini ýerden göterdi, ony bir eline ildirip, beýleki eli bilen tozan ýapyşan her buýra aýratyn pitik kakyp başlady. Rahman henizem özüni dürsäp bilmän, haşlap oturyşyna:
– Şura hökümetiniň daýanýany sen boljak bolsaň, walla, eýýäm düýbi çüýräpdir – diýdi.
– Şura kime daýanýanyny size mazalyja görkezer. Meniň rehimdarlygyma şükür etmeli halyňa, maňa ýumruk çalýaň. Çal bakaly, görersiň-dä!.. Menem-ä köp zatdan habarlydyryn… Şura hökümetiniň okuwa ýollan adamlaryny ele salan kim? “Agahanyň adamlary” diýen myş bar. Senem şol mahal obada ýokduň, diýmek, Agahanyň ýanynda bolmaly, senem şärik.
– Men häzirem Agahanyň ýanynda.
– Sen baý guýrugy!
– Rast, guýruk bolmaly bolsam, sen ýaly eşege guýruk bolman, Agahan ýaly gaplaňa guýruk bolaryn. Seni iki sany kel tokla satyn alyp bolýar, Agahany satyn aljak bolup gör! Eger “Ýazjany iki adam öldüripdir” diýseler, biri sensiň! Dürnabadyň nalasy ilki bilen seniň başyňy iýer!.. Başga aýtjak zadym ýok saňa.
Rahman säginmän çykyp gitdi.
* * *

Rahman obanyň rahatlygyna ynanmady. Gijäniň gorkuly asudalygy oňa wehim saldy. Sergin şemal onuň kiriş ýaly dartylan damarlaryny gowşatmady. Töwerekdäki ýakymsyz duýdansyzlykda awyna golaýlaşýan ýylanyň hereketine çalymdaşlyk bardy. Ýakynlaşyp gelýän howp oňa takyk wakanyň suratyny çekip berdi.
Çöl. Iki alaňyň ortasyndaky çöketlikde Asman ikisi dur. Hydyryň atlylary olaryň daşyna agyl bolup aýlanypdyr. Olaryň arasynda ne Agahan, ne-de şura başlygy Köse bar. Olar Rahman bilen Asmanyň ykbalyny bir topar ýyrtyja tabşyrdylar. Atlylar möjegiň açgözlüginde Asmana seredýärler. Olaryň ýüzünde albassynyň şekili, gözlerinde haram keýpe teşnelik!..
Rahman olara ýalbaryp ugraýar. “Asmany öz elim bilen öldüreýin, maňa pyçak beriň” diýýär. Hydyr içýakgyç gülküsini edýär, nökerler ony alyp göterýär. Olaryň gülküsinden ýaňa dünýä lerzana gelýär. Olar Rahmana pyçak berenoklar, asyl

entek Durdy neresse olaryň ýadyndan çykman ekeni. Hydyr: “Pyçaksyz öldür – diýýär. – Bogup öldür”. Ol nejis Rahmana ezýet bermek üçin edýär. Ol Rahmanyň bogup öldürmejegini bilip aýdýar…
Rahmanyň bir aýagy boşluga gitdi. Göwresi salmanyň içine düşdi. Eli öl ýere batdy. Ýata suwy saklap ýatan salmanyň porsusy burnuna degdi. Ol çölde däldigine şükür etdi.
Il arasynda: “Mal eýesine çekmese – şumluk” diýen söz bar. Şonuň ýaly-da, her kim perzendiniň özüne meňzemegini küýseýär. Meňzeşligi köp halatda çaganyň daş sypatyndan gözleýärler, emma enäniň ýa-da atanyň keseli bilen dünýä inip, olara ömür taýdan meňzeýän çagalaram bar. Şol sebäplem: “Ömri meňzemäwersin!” diýilýär.
Häzir Rahman üçin esasy meňzeşlik bular däldi. Ol esasy meňzeşligi ykbala syrykdyrdy. Ol bir mahal kakasynyň saýlap alan çykalgasyny amatly gördi.
Betbagtlykdan gutulmak üçin obany terk etmeli, şu gije terk etmeli. Daň ataryna garaşsaň, soňra ahmyr etmegiň ähtimal. Herki howpy mahalynda duýmak – Allanyň ýalkadygydyr. Rahmanyň kakasy howpy duýany zerarly obany terk edipdir. Eger töwekgellige ýüz urup oturan bolsa, ýüreksöýen gyzyndan aýra düşerdi, Rahmanam dünýä inmezdi.
Betbagtlykdan baş alyp çykmaga ýeke ýol galan ekeni. Ol ýol Rahmanyň kakasynyň ýoly. Rahman ony şu mahala çenli görmändir, duýmandyr. Akmak nalajedeýin! Öz arygny har edip, kişi arygna zar bolan!
Rahman özüni näletledigiçe-de, bu ýola teşnelik duýdy. Elbetde, kakasy ir ölensoň, Rahman onuň keşbini göz öňüne getirip bilenokdy, ýöne häzir gapdalynda kakasynyň bardygyny duýdy, kakasy onuň goltugyndan göterýän ýaly, täsin bir ýeňillik Rahmanyň aýagyny ýerden üzdi. Ol ogluny çaltrak garaňky dünýäden alyp çykmaga howlugýar. Rahman hakyky hossaryna gowuşdy. Rahman kakasynyň ýoluna düşdi. Bu ýoldan gideni üçin ol öliň-diriň öňünde mamla. Bu ýoly Asmanam ykrar etmelidi.
Rahman gara öýüň bosagasyndan ätläp:
– Asman! – diýdi.

— Hä… geldiňmi? Ýeriň salyngydyr.
Aýalynyň biperwaýlygyna Rahman geň galdy.
— Uky ýadyma düşenok, Asman!..
Rahman düýpde süýnüp ýatan Asmanyň dikelenini gördi. Tüýnükden düşýän Aý şöhlesi gözenekdäki tärimiň ýüzündedi.
— Asman, şura başlygy Köse… Men Kösäň ýanyndan gaýtdym, Asman… Köse diýilýän adam Agahanyň elinde.
— Gözüň aýdyň!
— Meň näme diýjek bolýanymy diňlesene… Köseden oňňullyga garaşmaly däl diýýän! Ýazja neressäni kim öldüren bolsa, bir gapdalynda Köse-de bolmaly! Şeý diýip aýtdym, edil Kösäň ýüzüne aýtdym! Oba Agahanyň ygtyýarynda, ýene Agahan hojaýyn… — Asmanyň gymyldaman oturanyny görende, günä edip, onuň öňünde özüni aklajak bolýan adamyň oňaýsyzlygyny duýdy, gahary geldi. — "Şura, şura" diýip ýürege düşdüňiz, kethudasy Köse dälmi?! Ony daýym bireýýäm satyn alypdyr. Puluň, malyň öňünde şura hökümetem ejiz! Dur entek, gepleme, maňa gulak as! Siz, bilýän, "Gaýrat — diýjeksiňiz. — Ol saňa Köse däl, Gaýrat satylmaz" diýjekmi?! Satylmany üçin, hol-ha, türmede otyr! Şuraň türmesinde! Ha-ha, "Berim gökden ýol ýasar", adama kepil geçmäň. Berim bilen dogany dogana duşman edilenini gördüm. Berim bilen Gaýraty türmä dykdylar!
— Rahman, öz eden günämizi aýdaly, iliň günäsini aýtmaly.
— Özüme "ak guş" diýjek bolamok, Asman. — Rahman aýalynyň alkymyna baryp, dyzyna çökdi. — Asman, men halys irdim, şu obada bir gün artyk ýaşamak — maňa jeza. Sen şu sapar maňa "hä" diýmeli, Asman. Agahanam baş-aşak gitsin, Köse-de! Men kakam pakyryň ýörelgesini bilýän. Göwnüm diýjek bolsaň, häzir, edil şu mahal göterilmeli!
— Adam günäsinden gaçyp gutulyp bilmez, Rahman. Ejem pakyryň bir aýdany ýadyma geldi: "Günäsinden gaçan adamyň ýüzüne tüýkürseňem azdyr" diýerdi. Howlukma, gulak as maňa… Garyndaşlarymyzdan biri, olam Hümmet kysmy rehimsiz bolmaga çemeli, talabanyny urup, hakyt, ýetim neressäň bilini ýazdyraýypdyr. Soň hossarsyz görgülä bir döwüm çörek berip, idetmäň deregine, başga oba göçüp gidipdir. Ejem pakyr: "Ol günäsinden gaçaryn öýtdi" diýerdi. Il-gün oň etmişini ýatdan

çykarar öýdüpdir. Gaýta, ýetimiň gözgyny ýagdaýyny gören adam gaçyp giden nejise nälet okapdyr. O neresse ölensoň, ýaňky adam gaýdyp geljek bolsa, oba ony kabul etmändir. Ejem: “Adam eden günäsini eden ýerinde ýuwmalydyr” diýerdi.

– Seň aýdýanyň başga zat, Asman.

– Biz günä etdik, Rahman, eden günämiz bizi goýbermez.

Rahman gyssanjyna aýalynyň elinden tutup özelendi:

– Maňa sen gerek, Asman! Obada galsak, men saňa pena bolup bilerin öýdemok. Bu obaň eýesi Agahan, Agahan üçin sen ýagy! Köse-de meni ýigrenýär. Olar bizi ýaşamaga goýmazlar, özüm jähennem, men senden gorkýan!

Rahman aýalynyň elini silkip, jogap talap etdi. Eger aýalynyň dilinden rugsat eşitse, ony elinde göterip, diriň-diriň bökmäge taýýardy.

Asman howlukmady.

– Sen meniň üçin gorkma, Rahman – diýdi.

“Ol mensiz ýaşajagyna ynanýar, ol meniň kölegäm däl! Onuň ýüregini daşa öwürdiler”.

Rahman dünýä injek ogluny Asmandan gabandy. Onuň kalbyna ýakymsyz duýgyny salan Asman. Şu etmişi üçin Rahmanyň aýalyna ezýet beresi geldi. “Sen oňa ärdigiňi duýdurmaly!”

Ol gap duldaky galdyrylgy ýapynjalary zyňyşdyryp, gara sandyga ýetdi. Äginmedi. Sandygyň agzyny serpip, içindäki geýim-gejimleri orta bulap urdy.

– Bol, ýygna çaltrak!

Asman gozganmady.

– Gyssanma, Rahman, öňinçä oýlanyp gör.

– Oýlanmaga pursat ýok.

– Saňa galsa, ähli zat ot-elek bolaýýar.

– Tur ýeriňden!

– Beýdip dyzynyp durmasana, otursana… Rahman, saňa bir zat aýdaýyn…

– Aýtjak zadyňy bilýän, “gitmäli” diýersiň.

– Hawa, şeý diýjek.

– Diýme şony!

– Ýok, diýjek! Sen Agahan bilen Kösäň gurduny gündiz uwlatjak bolma. Giden dessiňe olaryň etjek zadyny aýdaýyn: “Ýazjany

öldüren Rahman” diýerler, uly ile jar ederler.
Rahman gorky bilen arkan serpildi. Häzir onuň öňünde Asmana derek jadygöý otyrdy. Ol ähli zatdan habarly, ähli kişiň ykbalynyň çözgüdini bilýän jadygöý. Ýas ýerinde Rahmanyň kalbyna dolan gorkudan onuň habary bolmaly. Şol gorkyny Rahmanyň kalbyna ýollanam, ähtimal, şuň özüdir?!
Ol seresap bilen:
– Gabahat pikir nireden kelläňe gelýär, Asman?! – diýdi. – Beýle töhmet etmäge dilleri barmaz, meň Ýazjany öldürmejegimi bilýändirler. Olara kim ynanar öýdýäň?
– Ynanarlar! Gep – herki zadyň wagtyny bilip aýtmakda. Şyltaga gezek gelende olar oňarýarlar, düşünerçe bolduň-la! Maňa “hä” diýmejegiň çynyň bolsa, bar, git-de göräý.
Paýhas Asmanyň tarapynda, ony diňledigiçe Rahman kiçelip barýandygyny duýdy. Şu pikirden boşajak bolýan ýaly hötjetlige ýüz urup gygyrdy:
– Men indi ýeke gitmen! – Ol bar güýji bilen Asmanyň golundan çekdi. – Tur, men ýol tapdym, ýogsa biziň gulagymyz dynmaz!
Asmanyň göwresi öňe eňlip, ýüzi ýere ýetdi, ýöne boýun bolmady.
– Sen meni gynama, Rahman.
– Siz nädýäňiz?! – Rahman onuň iki goltugyna elini sokdu-da, galdyrjak boldy. – Tur, ýagşylyk bilen aýdýan, tur!
Asman garşylyk görkezdi.
– Aýryl, meň ýola düşere ýagdaýym ýok, Rahman.
Aýalynyň sözi Rahmany oýlandyrmady, gaýta, bu ýagdaýy bäsdeşlik hökmünde kabul etdi. Aýaly oňa boýun egenok! Bu, eýse, erkek adam üçin baryp ýatan masgaralyk dälmi?! Eger şu sapar diýenini gögertmese, Asmanyň ony är hökmünde ykrar etmezligi ähtimal.
Rahmanyň gözi baglandy. Onuň dünýäsini tutuşlygy bilen özüne tabyn eden erjellikde şeýle many bardy: “Men Asmana ärdigimi görkezmeli, ýogsa men kakamyň ogly bolmaga mynasyp däl!”
Ol bu çaga pikiriniň dogrudygyny tassyklamaga delil agtardy. Birdenem kimiň öňünde özüni aklamaga delil agtarýanyna düşünmedi. Şonda-da, kakasynyň garyp çopandygyna garamazdan, baý gyzyny özi bilen ýat illere gaçyp gitmäge yrandygyny

buýsanç bilen tassyklady. Rahman weli, öz aýalyny alyp gidip bilenok! Eger diri bolsa, kakasy oňa näme diýerdi?!
Ol ýaňadan Asmana topuldy, ony bada-bat ýerden göterdi.
— Düş öňüme!
— Rahman, gynama meni!..
Asman yza tesip, ýene oturjak boldy, emma Rahman oňa maý bermedi. Elinden çekdi, siltedi. Asmanyň agyr göwresi ojagyň gyrasyndaky gaty ýere gütüläp düşdi.
Asman iňledi. Rahman ony gapa tarap süýräp ugrady. Birdenem Asmanyň garşylyk görkezmeýänini duýdy. Garaňkyda duýdansyz maňlaýyna berlen adamyň alaçsyzlygynda gazyk ýaly bolup durdy. Eden işi beýnisine urdy, haýýaty göçdi.
— Asman! Asman!..
Asmanyň ýalaňaç kellesini galdyranda, onuň sowuk dere batanyny duýdy.
— Asman, näm boldy? Asman!..
Gyssanjyna Asmanyň göwresini dikeltdi. Bu mejalsyz göwrede oglunyň ýatandygy hakydasyna gelende, eden işiniň aýylgançdygyna göz ýetirdi.
Ol Asmany düşegiň üstüne ýatyryp:
— Asman, Asman!.. — diýip gygyrdy.
Onuň özüni alyp barşynda çaganyň alaçsyzlygy bardy.
Asman ses bermedi. Onuň maňlaýyndan akýan buz ýaly der Rahmany aljyratdy. Aýalynyň çala dem alýanyny duýanda, edil syrylan gylyç kimin aýralygyň wehimi depesinden indi.
Ol atylyp öýden çykdy. Häzir dünýä ýüzünde onuň dadyna ýetişjek adam Dürnabatdy.

* * *

Dürnabat Asmanyň göwresinden aýrylan çagany gamyşa dolap, Rahmanyň eline berdi.
— Wah, allanäme ogul ekeni.
— Bilýädim-le.
— Etjek alajyň ýok, öwez ogluny bersin! Hernä, enesi diri galdy, şoňa-da şükür et!
Rahman alaşasynyň ýüzüni öwlüýä tarap öwürdi.

Ol obadan saýlanyp, jylawy eýeriň gaşyna taşlady. Eýesiniň howlukmaýanyny aňan alaşa boýnuny sallap, maýdalyna gitdi.

Rahman umydyny, geljegini öz eli bilen jaýlamaga barýar. Bu ajy hakykat oňa ejizligi ündedi, ol ikirjiňlenmän kabul etdi.

— Oglum!.. — Bu söz Rahmanyň dömüp duran ýarasyna temen bolup sünjüldi. Ol gözýaşa gark boldy. Onuň ýüregindäki ýaradan iriň akdy. — Oglum, seni ýagty ýalança indermedik men, kakaň, ganhor kakaň… Men jeza kaýyldym, ýöne seni elden gidererin öýtmändim, oglum. Ykbal öz ýazgydyna laýyk iş etdi, meň alajym ýok, ýogsa saňa derek ýagty ýalançydan men gitmelidim…

Ol ogluna çölde bolan wakany aýdyp berdi.

— Men akmaklyk edipdirin — diýdi. — Ölümden gutuldym diýip begenmeli däl ekenim, ölmeli ekenim. Maňa derek sen ýaşardyň, kölegäm ýitmezdi.

Rahman gamyşy bagryna basym eňredi. Eňredigiçe-de, hesretiň bimöçberdigine düşündi. Näme-de bolsa, gözýaş birbada onuň ýüregine giňlik saldy. Gözýaş ogly bilen aralykdaky boşlugy doldurdy. Gözýaş gamyşy ezip durka, ol ogly bilen düşünişýändirin öýtdi.

— Men saňa kakamyň adyny dakjakdym, oglum. Sen bi pany dünýäden atsyz gidýäň!..

Gözýaş birden kesildi. Ýene ýakymsyz gury agyry ýüregini gysyp ugrady. Kepän gabaklary gaýdyp nemlenmedi. Ol ýene ýowuz dünýä bilen ikiçäk galdy. Ogly aradan aýryldy. Bir düýrüm gamyş edilen jenaýaty subut edýän alamata öwrüldi.

Bu gamşyň arasynda Asmanyň mähri, yhlasy ýatyr.

Rahman kölegesini jaýlamaga barýar. Rahman mundan beýläk bu dünýäde kölegesiz ýaşamaly…

Bu dünýäde her kimiň öz ýörelgesi bolmaly. Rahman ýörelgesini tapmady. “Öz ýörelgäň bolmasa, ýagty ýalançyda işiň ýok — diýdi. — Sen Asmanam betbagt etdiň. Aýallar hemişe erkekleriň tapan ýörelgesi bilen gitmeli. Seniň ýörelgäň ýok, sen kölegesiz galdyň. Belki, Asman indi öz ýörelgesini gözlär?!.”

Rahmanyň göz öňüne dowzah geldi. “Jähennemiň ýüz künji bar — diýip gürrüň ederdiler. — O taýdaky doňaklyk şeýle bir aýylgançmyş… Şol sowukdan sähelçejik goýberseňem, dünýäň ýüzündäki jandarlar gyryljakmyş” diýerdiler.

Rahman: “Men dowzaha mynasyp – diýdi. Ol henize deňiç häzirki pursatdaky ýaly özüni dowzaha golaý duýmandy. Emma bu ýakynlyk ony gorkuzmady. – Asmanyň ejesi dogry diýipdir: adama günäsinden gutulma ýok ekeni”.
Rahman dowzahy özüne mynasyp jeza hökmünde kabul etdi.
Ol gumuň etegindäki öwlüýä ýetdi. Gonamçylygyň ortasyndaky gümmez oňa adamyň durmuş ýolunyň şu ýerde tamamlanýandygyny ýatlatdy. Rahman mundan öň obadaşlaryny jaýlamaga gelende, şu pikire maýyl bolup, böwrüni diňlärdi, oýa batardy. Häzir bu ýer onuň gözüne hesretli durmuşdan dynan adamlaryň mesgeni bolup göründi. Olar topragy başyna çekip, arkaýyn ýatyrlar. Olar üçin ýalançynyň dawa-jenjeli – bir aşyk! Olara hesretiňi düşündirmek üçin öňürti ölmelidi. Ölüm Rahmana arzuw bolup göründi.
Adatça, öwlüýäde duran adamlaryň öňünde ýaşaýşyň gadyry artmalydy. Adam adamyň göwnüne degmeli däl, birek-birege sarpa goýlmaly diýen pikir uzak dowam etmese-de, garaz, birbada ýüreklere rehim salýardy, emma Rahman dirileri küýsemedi. Dirileriň arasynda Asman galdy, ýöne onuň ýanyna gaýdyp barmaga-da gorkdy. Diriler oňa jenaýaty ýatladýardylar.
Tümmeklere basyrylyp ýatan meýdan oňa düşünmedi.
Rahman ogluna gabyr gazyp durka: “Eger meniň ykbalym oglumyňam maňlaýyna ýazylan bolsa, onda onuň häzir öleni gowy – diýdi. – Adam ýagty ýalança gülüp ýaşamaga, söýüp ýaşamaga gelmeli! Hesret üçin inenden inmäni gowy! Goý, soňra ejizlän güni ene-atasyna nälet okamasyn! “Meni azap üçin dünýä inderdiňiz” diýmesin!” diýdi.
Rahman oglunyň üstüne kiçijek tümmek galdyrdy. Şol tümmegi sypap otyrka, ýaňadan ony gözýaş gark etdi. Ol bu sapar gara tümmegi goltugyna gysdy. Buz ýaly toprak mähri gutaran dünýäniň alamatyna öwrüldi. Romanlar